# Eýnşteýnden on sargyt

Category: Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 22 января, 2025
Eýnşteýnden on sargyt

EÝNŞTEÝNDEN 10 SARGYT

1. Bilesiňiz gelýän zadyňyzyň yzyndan gidiň. “Meniň üýteşik bir ukubym ýok. Men diňe kesir bilesigelijidirin”. Siziň ünsüňizi çeken näme? Näme siziň has köp ünsüňizi çekýär? Meniň ünsümi çeken zat käbir adamlaryň başarnykly bolup, käbirleriniň bolsa şowsuzlyga uçramagydyr. Şol sebäpli, birnäçe ýyllap başarnykly bolmak üçin zähmet çekdim. Gyzyklanan zadyňyzy sypdyrmasaňyz şowlulyk ýaranyňyz bolar.

2. Tutanýerlilik beýik zatdyr. “Baý bolanymdan däl-de, kynçylyklara garşy gelmekden çekinmeýändigim sebäpli, işim şowuna bolýar.” Saýlan ýoluňyzyň ahyryna çenli sabyrly bolup bilýärsiňizmi? Poçta pullarynyň gidýän ýerine çenli hata ýapyşyp galmagyndan örän gymmatlydygy aýdylýar. Poçta markasy ýaly bol we başlan işiňi ýarpy goýma.

3. Şu günüňe üns ber! “Awtoulagda rulda barýarka, söýgülisini ogşap barýanyň posa bolan mynasyp ünsi bermeýändigidir”. Bir elde iki garpyz saklap bolmaz. Bir zady edip bilersiňiz, emma hemme zady edip bilmezrsiňiz. Şu wagtky pursadyňa ýapyş we bar güýjüňi şu wagt edip duran işiňe ber.

4. Arzuwçyllyk güýç berer. “Arzuwçyllygyň berýän güýji hemme zadyň ýerini tutýar. Ol size garaşýan gowulyklaryň öňbaşçysy ýalydyr. Arzuwçyllygyň güýji danalykdan ýokardadyr”.

5. Ýalňyşyň. “Hiç haçan ýalňyşmadyk adam hiç hili synagdan geçenok diýmekdir”. Ýalňyşmakdan gorkmaň. Eger nähili okajagyňyzy bilseňiz ýalňyşlar sizi has oňat ýere getirer. Üstünlikli bolmak isleseňiz ýalňyşlyklaryňyzy üç esse köpeldiň.

6. Şu pursadyňyzy ýaşaň. “Men gelejegi pikirlenemok, her nämede bolsa geler”. Gelejegi dolandyrmagyň ýeke-täk ýoly mümkin boldugyça häzirki pursadyňyzda galmakdyr. Şu pursatda düýnüňizi ýa-da ertäňizi çalşyp bilmersiňiz. Ýeke-täk gymmatly zat şu pursadyňyzdyr.

7. Ähmiýetlilik drörediň. “Başarnykly bolmaga däl-de, ähmiýetli kişi bolmaga çalyş”. Wagtyňyzy başarnykly bolmaga harçlama, ähmiýetlilik döret. Eger ähmiýetli bolsaňyz rowaçlyk öz-özünden geler.

8. Dürli netijelere garaşma. “Şol bir zatlary gaýta-gaýta edip, dürli netijelere garaşmak samsyklykdyr”. Her gün şol bir adatda ýaşap, tapawutly görnüp bilmersiňiz. Durmuşyňyzyň özgermegini isleseňiz ilki özüňiz özgerişde bolmaly.

9. Köp bilmek tejribeden emele gelýär. “Köp bilmek esasy zat däldir. Bilmegiň ýeke-täk ýoly tejribedir”. Bir meseläni jedelleşseň, bu sizde diňe filosofiki garaýyş döreder. Gyzyklanýan meseläňizi bilmek isleseňiz ony tejribe edip görmelisiňiz.

10. Düzgünleri öwreniň. Has ökde oýnaň. “Oýnuň düzgünlerini öwrenmäge mejbursyňyz. Şeýdip herkesden ökde oýnap bolýandyr”. Ýene-de ýerine ýetirmeli iki zat bar. Birinjisi oýnaýan oýnuňyzyň düzgünlerini öwrenmek. Ikinjisi bolsa oýuny herkesden ökde oýnamagy islemek. Bu iki ýörelgäni ýerine ýetirseňiz rowaçlyk size ýar bolar

Sözler